# Jaňjagaz / ýumoreska

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 24 января, 2025
Jaňjagaz / ýumoreska JAŇJAGAZ

Doňuz tokaýyň içini syryp ýörkä Geçä sataşypdyr. Doňuz Geçini içgin synlapdyr-da, şeýle diýipdir:
– Boýnuňdan sallanyp duran zat näme?
– Jaňjagaz.
– Oň saňa nämä derkary bar?
– Ýitip gitmezligim üçin.
– O nähili ýitip gitmezligiň üçin? – diýip, Doňuz içýakgyç gülüpdir.
– Kelläm gyzyp, tokaýyň jümmüşine aralaşaýmam bar. Şonda azaşdygym meni jaňjagazyň sesi boýunça-da tapýarlar.
Doňuz pikire çümüpdir-de, şeýle diýipdir:
– Şuňa meňzeş jaňjagaz maňa-da ýaraman durjak däl. Ol biraz durupdyr-da, yzyna öwrülip gidiberipdir.
Şol günüň ertesi ol ýene-de Geçä duşupdyr. Doňzuň keýpi kökdi. Ol Geçini görenden gepläp başlapdyr:
– Eý, egri şah! Entegem jaňjagazyňy süýräp ýörmüň?
– Hawa. Ýeri, näme?
– Samsygyň biri ekeniň! – diýip, Doňuz gülüpdir. – Seň göterýän jaňjagazyň möwriti birçak ötdi. Nuh eýýamynyň zadyny äkit-de, jara dök.
– Näme üçin zyňmalymyş? Entejikler maňa gerek. Käşgä jyňňyrdamaýan bolsa…
– Baý, şoň jyňňyrdaýşyny. Ynha, meňkä bir seret. Ömür gören dälsiň. Muňa traizistor diýýäler.
– O-da jyňňyrdaýamy?
– Jyňňyrdaýşyny şoň… Mahluk! Bi aýdym aýdýa… Onda-da nähili aýdýa!
Doňuz şeýle diýdi-de, onuň burmasyny towlady.
Geçi ziňkildäp, bir gapdala bökdi.
– Bolşuň nähili? – diýip, Doňuz geň galdy.
– Beýle-de bir gopgun bormy?

– Agzy sary añkaw! Goh däl-ä bü… Jaz goýberýäler. Häzirki döwrüñ iñ naýbaşy sazy. Düşnüklimi?
– Hä, näbileýin? – Geçiniñ böwrüne bükgüldi gitdi. – Galmagaly boýnundan asyp ýörmek nämä gerek? Öýüñde diñleseñ bolmadymy?
Doñuz başyny ýaýkady-da, çürt-kesik gürledi:
– Edýän gürrüñiñ näteñet? Obañ içinden geçip giderin welin, bar kişi üçin bep-belli bolaýaryn! Derrew: «Hanha. Doñuz gelýär!» diýerler!

Wasil BIRÝUKOW,
ukrain ýazyjysy.

Terjime eden: Çary GELDIMYRADOW. Satiriki hekaýalar